# TÜRKMENISTANYŇ ULAG DIPLOMATIÝASY HALKARA HYZMATDAŞLYGY ÖSDÜRMEGIŇ NETIJELI GURALYDYR

***Perhat ÇARYÝEW,***
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň Halkara ykdysady gatnaşyklary kafedrasynyň uly mugallymy*

**Gysgaça beýan**

Makalada Türkmenistanyň ulag strategiýasynyň köptaraplaýyn gatnaşyklary babatda milli bähbitlerimiziň geljekki mümkinçiliklerini kesgitlemek, ulag meselelerini düzgünleşdirýän halkara we sebitleýin guramalaryň çäklerinde hyzmatdaşlygyň täze ugurlary hakyndaky meselelere garalýar. Häzirki wagtda Türkmenistan geografik taýdan amatly ýerde – gatnaw ýollarynyň strategik ähmiýetli çatrygynda ýerleşmek bilen, köpugurly halkara ulag-üstaşyr we logistika düzümlerini kemala getirmek babatyndaky iri möçberli, milli we sebit ähmiýetli taslamalary amala aşyrmak boýunça başlangyçlary öňe sürýär. Bu makalada Türkmenistanyň iki yklymyň çatrygynda amatly ýerleşýän döwlet bolup, ýurdumyzda ulagyň ähli görnüşlerini ösdürmegiň uly mümkinçiliklerinden netijeli peýdalanylýanlygy, bu mümkinçilikleri ulanmagyň hasabyna milli ösüşiň ýokary derejede üpjün edilýänligi zerur maglumatlaryň esasynda beýan edilýär.

**Esasy sözler:** Türkmenistanyň ulag babatynda halkara başlangyçlary, halkara multimodal ulag-üstaşyr geçelgeleri, üstaşyr ýükleri daşamak, logistika infrastrukturasy, Hazar kontinental ýollaryň merkezi, Pars aýlagynyň geosyýasy we geoykdysady ähmiýeti.

Türkmenistanyň ulag diplomatiýasy ýurduň daşary syýasatynyň we ykdysady strategiýanyň işjeň ugrudyr. Bu ugur Türkmenistany Ýewraziýanyň möhüm ulag-logistika merkezleriniň birine öwürmäge gönükdirilendir. Ýurduň Gündogar bilen Günbatar, Demirgazyk bilen Günorta sebitleriň kesişýän ýerinde ýerleşmegi onuň geosyýasy ähmiýetini artdyrýar. Şonuň üçin hem Türkmenistan ulag ulgamyny diňe bir ykdysady ösüşiň guraly hökmünde däl-de, eýsem halkara hyzmatdaşlygy we goňşuçylyk gatnaşyklaryny pugtalandyrmagyň möhüm serişdesi hökmünde kabul edýär.

Türkmenistanyň Prezidenti XXI asyryň täze taryhy şertlerinde dünýäniň bitewiliginden ugur alýan öňdengörüjilikli syýasaty amala aşyrmak bilen, ýurtlaryň özara sazlaşykly ösüşine ýardam edýän üstaşyr ulag infrastrukturasyny emele getirmäge gönükdirilen halkara başlangyçlary öňe sürýär hem-de şol başlangyçlaryň gaýragoýulmazdan durmuşa geçirilmegine uly ähmiýet berýär. Häzirki döwürde ýurdumyz “Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasat ugrunyň 2022–2028-nji ýyllar üçin Konsepsiýasynyň” [4], şeýle-de “Türkmenistanyň Prezidentiniň ulag diplomatiýasyny ösdürmegiň 2022–2025-nji ýyllar üçin Maksatnamasynyň” [3] çäklerinde Halkara raýat awiasiýasy guramasy (ICAO), Halkara howa ulag assosiasiýasy (IATA) we Ýewropanyň uçuşlaryň howpsuzlygy boýunça agentligi (EASA), Halkara awtomobil ulaglary birleşigi (IRU), Demir ýollaryň hyzmatdaşlyk guramasy (OSJD), Halkara Deňiz Guramasy (IMO) bilen hyzmatdaşlygy ösdürýär.

Türkmenistanyň halkara başlangyçlary netijesinde, 2012-nji ýylyň maýynda Aşgabatda “Orta Aziýada we Hazar deňziniň sebitinde ulag hem-de üstaşyr gatnawlaryň ösüşiniň geljegi”, 2014-nji ýylyň sentýabrynda Aşgabatda “Halkara hyzmatdaşlygy we durnukly ösüşi üpjün etmekde ulag-üstaşyr geçelgeleriniň tutýan orny”, 2016-njy ýylyň noýabrynda Aşgabatda “Durnukly ulag ulgamy boýunça birinji Ählumumy maslahaty”, 2017-nji ýylyň maýynda “Awaza” milli syýahatçylyk zolagynda “Ýewraziýa yklymynda üstaşyr-ulag hyzmatdaşlygyny köpugurlaýyn ösdürmek meselesine bagyşlanan Ulag we logistika”, 2018-nji ýylyň maýynda “Awaza” milli syýahatçylyk zolagynda “Beýik Ýüpek ýoly – täze ösüşlere tarap”, 2018-nji ýylyň noýabrynda “Awaza” milli syýahatçylyk zolagynda “Üstaşyr we ulag hyzmatdaşlygy hakynda ylalaşyga (“Lapis Lazuli” ugry boýunça ylalaşyk) gatnaşyjy ýurtlaryň ulag ministrleriniň halkara maslahaty”, 2022-nji ýylyň awgustynda “Awaza” milli syýahatçylyk zolagynda “Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletleriň

ulag ministrleriniň derejesindäki halkara maslahaty", 2023-nji ýylyň noýabrynda Aşgabatda "Durnukly ulag: durnukly ösüşe goşant", 2024-nji ýylyň aprelinde Aşgabatda "Demir ýollaryň hyzmatdaşlygy guramasynyň (OSJD) agza döwletleriniň demir ýol ulaglary edaralarynyň ýolbaşçylarynyň we jogapkär wekilleriniň maslahaty", 2024-nji ýylyň noýabrynda Aşgabatda "Halkara ulag-üstaşyr geçelgeleri: özara arabaglanyşyk we ösüş – 2024" atly halkara maslahatlaryň we forumlaryň netijeleri boýunça Jemleýji resminamalaryň birnäçesi kabul edildi. Ýeri gelende bellesek, 2025-nji ýylyň awgustynda "Awaza" milli syýahatçylyk zolagynda Birleşen Milletler Guramasynyň deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlar boýunça üçünji (LLDC-3) maslahaty "Hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny goldamak arkaly ösüşe ýardam bermek" atly şygar bilen ýokary derejede geçirildi.

Türkmenistanyň başlangyçlary esasynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan ulag-üstaşyr geçelgeleri we logistika mümkinçilikleri artdyrmaga degişli birnäçe kararnamalar kabul edildi. 2014-nji ýylyň 19-njy dekabrynda "Durnukly ösüş üçin halkara hyzmatdaşlygy üpjün etmekde ulag-üstaşyr geçelgeleriniň orny", 2015-nji ýylyň 22-nji dekabrynda "Durnukly köpugurly ulag-üstaşyr geçelgeleriniň döredilmegine ýardam bermek maksady bilen, ulaglaryň ähli görnüşleriniň arasynda hemmetaraplaýyn hyzmatdaşlygyň üpjün edilmegi ugrunda", 2017-nji ýylyň 20-nji dekabrynda "Durnukly ösüş maksatlaryny amala aşyrmak bilen baglylykda ulaglaryň ähli görnüşleriniň arabaglanyşygyny berkitmek", 2021-nji ýylyň 29-njy iýulynda "Koronawirus keseliniň (COVID-19) pandemiýasy we ondan soňky döwürde durnukly ösüş üçin üznüksiz hem-de ygtybarly halkara ýük daşamalary üpjün etmek maksady bilen, ulagyň ähli görnüşleriniň arabaglanyşygyny berkitmek", 2023-nji ýylyň 16-njy maýynda "Bütindünýä durnukly ulag güni", 2023-nji ýylyň 19-njy dekabrynda "Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmek üçin ulaglaryň ähli görnüşleriniň arasyndaky arabaglanyşyklary berkitmek" atly kararnamalaryň kabul edilmegi Türkmenistanyň ulag diplomatiýasynyň halkara hyzmatdaşlygy ösdürmegiň netijeli guralydygynyň aýdyň subutnamasydyr.

Türkmenistan iki yklymyň çatrygynda amatly ýerleşýän döwlet bolup, onda ulagyň ähli görnüşlerini ösdürmegiň uly mümkinçilikleri bar. Şolaryň hatarynda Gazagystan–Türkmenistan–Eýran häzirki zaman demir ýoly Türkmenistanyň çägi arkaly Ýewropa ýurtlary üçin Baltika deňzindäki portlardan Pars aýlagynyň, Ýakyn we Orta Gündogaryň haryt we çig mal bazarlaryna, Hindi ummanynyň kenaryndaky döwletlere göni çykalgany açdy. Bu demir ýoly indi diňe bir taslama gatnaşyjy ýurtlaryň arasynda däl, eýsem Hytaý Halk Respublikasynyň, Russiýa Federasiýasynyň, Hindistan Respublikasynyň, Türkiýe Respublikasynyň üsti bilen hem yzygiderli harytlary üstaşyr amala aşyrmaga mümkinçilikleri açdy. Meselem, Hytaý Halk Respublikasy Pars aýlygyna çykarýan ýüklerini 2016-njy ýyldan başlap häzirki wagta çenli "Hytaý-Gazagystan-Türkmenistan-Eýran" ugry boýunça dowamly otly ýük gatnawyny amala aşyrýar. Bu demir ýolunyň umumy uzynlygy 10 müň kilometre golaý bolup, ony geçmek üçin gerek bolan wagt iki hepdä golaý boldy. Bu demir ýolunyň tizligini ortaça alanyňda, deňiz ýolundan iki esse tiz geçmäge mümkinçilik berýär. Mysal üçin, Hytaý Halk Respublikasynyň Şanhaý deňiz portundan Pars aýlagynda ýerleşýän Eýran Yslam Respublikasynyň Bender-Abbas portuna çenli ugradylan ýükleri getirmek üçin bir aýdan gowrak wagt sarp etmeli bolýar. Häzirki wagtda bu demir ýol taslamasynyň ýene-de bir ugry boýunça, 2022-nji ýylyň iýul aýyndan başlap häzirki wagta çenli, Demirgazyk-Günorta geçelgesiniň gündogar şahasy arkaly "Russiýa–Gazagystan–Türkmenistan–Eýran–Hindistan" halkara demir ýolunyň üsti bilen, soňra deňiz gatnawy arkaly Hindistanyň Mumbaý şäherindäki Nawa Şewa portuna konteýner otlulary bilen daşalyp başlanandygyny hem bellemek gerek. Bu ýoluň umumy uzynlygy 8 müň kilometrden gowrak bolup durýar. Şol ulag geçelgesi arkaly üstaşyr ýükleri daşamak ilkinji gezek, 2022-nji ýylyň awgust aýynda "Hindistan–Eýran–Türkmenistan–Gazagystan–Russiýa" ugry boýunça amala aşyryldy. Häzirki wagtda Demirgazyk–Günorta ulag geçelgesiniň üsti bilen Ýewropa döwletlerine üstaşyr ýükleri geçirmäge mümkinçilikler bar. Munuň aýdyň mysaly hökmünde 2022-nji ýylyň iýun aýynda "Gazagystan–Türkmenistan–Eýran–Türkiýe" ugry boýunça ilkinji synag ýük otlusynyň gatnawy üstünlikli amala aşyryldy. Bu otla 6 müň 300 kilometrden gowrak aralygy geçmek üçin gerek bolan wagt ortaça iki hepdä golaý boldy. Şonuň netijesinde Türkmenistan häzirki wagtda «Gazagystan–Türkmenistan–Eýran» halkara demir ýol ulag geçelgesiniň ägirt uly mümkinçiliklerinden netijeli peýdalanmak maksady bilen halkara başlangyçlary öňe sürýär.

2023-nji ýylyň 4-nji noýabrynda Özbegistan Respublikasynyň Daşkent şäherinde Ykdysady

Hyzmatdaşlyk Guramasynyň ulag ministrleriniň 12-nji mejlisinde "Özbegistan–Türkmenistan–Eýran –Türkiýe" ugry boýunça Aziýa bilen Ýewropanyň arasyndaky Halkara multimodal geçelgesiniň Teswirnamasyna gol çekildi. Resminama laýyklykda geljekde taslama gatnaşyjy döwletler demir ýollary bilen amatly nyrhlaryň esasynda haryt daşamak üçin şertleriň döredilmegine, ýükleri daşamaga gatnaşýan ýurtlaryň ulag aragatnaşygynyň derejesini ýokarlandyrmaga mümkinçilikler döredïler.

Türkmenistan häzirki wagtda Orta we Ýakyn Gündogaryň ýurtlary, şol sanda Pars aýlagynyň ýurtlary bilen hyzmatdaşlygyň täze mümkinçiliklerini öwrenýär. Pars aýlagynyň geosyýasy, geoykdysady ähmiýeti hasaba alnanda, Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy bilen öňe sürlen Orta Aziýa – Ýakyn Gündogar (Özbegistan – Türkmenistan – Eýran – Oman) ulag geçelgesiniň taslamasy örän ähmiýetlidir. Bu taslamanyň amala aşyrylmagyna birnäçe goňşy döwletler gyzyklanma bildirdiler we netijede, 2011-nji ýylyň 25-nji aprelinde bu ugurda Aşgabatda hökümetara Ylalaşyga gol çekildi. Bu ulag geçelgesi Merkezi Aziýa, Eýran we Pars aýlagynyň ýurtlary, arap döwletleri bilen gatnaşyklary ýygjamlaşdyrmaga ýardam berer. Ol Ýakyn Gündogara göni çykmak üçin mümkinçilikleri açýar. Häzirki wagtda Ylalaşyga Gazagystan, Katar we Hindistan goşuldy. 2023-nji ýylyň iýul aýynda hormatly Prezidentimiz Saud Arabystan Patyşalygynda geçirilen Aýlagdaky arap döwletleriniň hyzmatdaşlyk geňeşine agza ýurtlaryň hem-de Merkezi Aziýa döwletleriniň Baştutanlarynyň sammitine gatnaşdy. Arkadagly Gahryman Serdarymyz taryhy çykyşynda: «Bu ugurlar boýunça hyzmatdaşlygy ösdürmek üçin, ilkinji nobatda, biziň sebitlerimizi birleşdirmek maksady bilen, täze üstaşyr ulag geçelgeleri, berk we ygtybarly logistika infrastrukturasyny döretmegi wajyp hasaplaýarys. Ulag ulgamynda tagallalary utgaşdyrmak üçin Merkezi Aziýanyň we Aýlag hyzmatdaşlyk geňeşiniň ýurtlarynyň Ulag komitetini döretmegi teklip edýäris» diýip, möhüm teklibi öňe sürdi [2]. Bu teklibiň netijesinde täze ulag üstaşyr geçelgelerini, şeýle-de ygtybarly logistika infrastrukturasyny döretmek boýunça sebitiň çäklerinde birnäçe degişli işler alnyp barylýar.

Türkmenistan Hazar ugry boýunça Ýewropa bazarlaryna çykmak arkaly Merkezi Aziýa we Hazar ýakasy sebitinde ulag-logistika ugurlaryny döretmek boýunça birnäçe möhüm başlangyçlary öňe sürýär. Hazar kontinental ýollaryň çatrygynda ýerleşýär. Birek-birekden uzakda ýerleşmedik Hazarýaka ýurtlaryň çägi gündogar tarapda Günorta Aziýa we Aziýa–Ýuwaş umman sebitine, günbatar tarapda Gara we Ortaýer deňizlerine, günorta tarapda Eýranyň üsti bilen Ýakyn we Orta Gündogara, Russiýanyň üsti bilen we soňra demirgazyk ugurda Baltika deňziniň kenar ýakasyna göni çykmak mümkinçiligine eýedir. Ýeri gelende bellesek, 2022-nji ýylyň 29-njy iýunynda Aşgabatda geçirilen altynjy Hazar sammitinde hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow: "Men Gündogar–Günbatar hem-de Demirgazyk–Günorta ugurlary boýunça Ýewraziýada üstaşyr ulag akymlarynyň baglanyşdyryjy merkezi hökmünde Hazar deňzini «Mümkinçilikleriň deňzi» diýip atlandyrmagy hakykatdan daşda däl diýip hasaplaýaryn" diýip belläp geçdi [1]. Şu nukdaýnazardan, Hazar geçelgesiniň Aziýanyň we Ýewropanyň bazarlarynyň arasynda iň gysga we bäsdeşlige ukyply söwda ýoly hökmündäki mümkinçilikleri uludyr. Şeýle hem bu sammitde demir ýol ýa-da awtoulag ulgamy bilen deňeşdirilende, deňiz ýoly arkaly ýük daşamagyň arzandygyna garamazdan, Hazarýaka geçelgesiniň üstünden geçýän demir ýol arkaly Ýewropadan Hytaýa we yzyna harytlary daşamagyň deňiz ulgamy bilen deňeşdirilende, has çalt amala aşyrylýandygy bellenilip geçildi. Mysal üçin, Blumberg agentliginiň maglumatlaryna görä, konteýnerli gämide Hytaýdan Ýewropa ýük getirmek üçin 40 gün gerek bolsa, Merkezi Aziýa-Hazar deňzi-Günorta Kawkaz ugry boýunça getirmek üçin 15 güne golaý wagt gerek bolar. Häzirki wagtda şol mümkinçilikleri Aziýa-Ýuwaş umman sebitinden Merkezi Aziýa we Kawkazyň üsti bilen Ýewropa çykýan «Hytaý–Gyrgyzystan–Özbegistan–Türkmenistan–Azerbaýjan–Gruziýa –Türkiýe–Ýewropa» multimodal ulag geçelgesine gatnaşýan döwletleri üçin ýoluň gysgalmagy bolsa ýük akymlaryny ep-esli tizleşdirmäge we haryt öndürijilerden sarp ediş bazaryna çenli wagt aralygyny gysgaltmaga mümkinçilik berýär. Taslamanyň çäklerinde 2021-nji ýylyň maý aýynda Türkiýäniň Izmir şäherinden Gyrgyzystanyň Oş şäherine konteýnerler üstaştyr ýükler geçirildi. Geljekde operatorlar Hytaýyň Kaşgar şäherinden Stambula çenli ýükleri 18 günde eltip bermegi maksat edinýärler. Bu taslamanyň çäklerinde 2022-nji ýylyň dekabr aýynda bolsa «Özbegistan–Türkmenistan –Azerbaýjan–Gruziýa–Bolgariýa» ugry boýunça ýükleriň üstaşyr geçirilendigini bellemek gerek.

2023-nji ýylyň noýabr aýynda bolsa Aşgabatda «Aziýa –Ýuwaş ummany ýurtlary – Hytaý–Gyrgyzystan–Özbegistan–Türkmenistan–Azerbaýjan–Gruziýa–Türkiýe–Ýewropa» (CASCA+) halkara multimodal ulag-üstaşyr ugry boýunça agza ýurtlaryň Demir ýol edaralarynyň ýolbaşçylarynyň duşuşygynyň geçirilendigini bellemek gerek. Şeýle-de Hazar deňiziniň üsti bilen, Orta Gündogary Ýewropa bilen baglanyşdyrýan «Owganystan-Türkmenistan-Azerbaýjan-Gruziýa-Türkiýe», Hazar deňzi – Gara deňzi halkara ulag ugry boýunça «Türkmenistan-Azerbaýjan-Gruziýa-Rumyniýa» halkara multimodal ulag-üstaşyr geçelgeleri dünýäniň birnäçe döwletlerine göni çykalgany açýar. Netijede, ýoluň gysgalmagy bolsa daşary ýurt sarp edijileri üçin harytlaryň bahasynyň aşak düşmegine ýardam eder. Munuň özi iri söwda kärhanalarynyň sebitde önüm öndürijiler bilen hyzmatdaşlygyny işjeňleşdirer.

Her bir döwlet öz geografik taýdan amatly ýerleşişini we onuň mümkinçiliklerini ulanmagyň hasabyna milli ösüşi üpjün etmek üçin zerur bolan geosyýasy hem-de geoykdysady bähbitleri öňe sürýär. Türkmenistan hem iki yklymyň çatrygynda amatly ýerleşýän döwlet bolup, ýurtda ulagyň ähli görnüşlerini ösdürmegiň uly mümkinçiliklerinden peýdalanýar. Umuman aýdylanda, deňiz üsti gatnawlary amala aşyrmakda hem-de söwda-ykdysady gatnaşyklary giňeltmekde ýurdumyzyň deňiz derwezesiniň mümkinçilikleri örän uludyr.

Hormatly Prezidentimiziň yzygiderli tagallalary netijesinde ýurdumyzyň ulag ulgamynda halkara hyzmatdaşlygynyň işjeňleşdirilmegi ulag-aragatnaşyk ulgamy ýaly möhüm ugurda geljekde ýokary sepgitlere ýetiljek ykdysady ösüşleriň ygtybarly kepilidir.

## EDEBIÝAT

1. Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň Aýlagdaky arap döwletleriniň hyzmatdaşlyk geňeşine agza ýurtlaryň hem-de Merkezi Aziýa döwletleriniň Baştutanlarynyň sammitindäki çykyşy (Jidda şäheri, 2023-nji ýylyň 19-njy iýuly) // “Türkmenistan” gazeti. 2023-nji ýylyň 20-nji iýuly.

2. Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň altynjy Hazar sammitindäki çykyşy (2022-nji ýylyň 29-njy iýuny, Aşgabat şäheri) // “Türkmenistan” gazeti. 2022-nji ýylyň 30-njy iýuny.

3. ““Türkmenistanyň Prezidentiniň ulag diplomatiýasyny ösdürmegiň 2022-2025-nji ýyllar üçin Maksatnamasyny” tassyklamak hakynda” Türkmenistanyň Prezidentiniň karary // Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň we Türkmenistanyň Hökümetiniň çözgütleriniň ýygyndysy, 2022 ý., № 1, 2125-nji madda.

4. “Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasy ugrunyň 2022-2028-nji ýyllar üçin Konsepsiýasyny tassyklamak hakynda” Türkmenistanyň Prezidentiniň karary // Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň we Türkmenistanyň Hökümetiniň çözgütleriniň ýygyndysy, 2022 ý., № 7-8, 185-nji madda.